Terbiýeçilik işinde mugallymyň her bir anyk ýagdaýda okuwçy bilen işlemegiň ähmiýeti bolup biljek tärlerini ulanmagy başaryp bilşine köp zat baglydyr. “Bir wagt bir okuwçyny terbiýelemekde şu hili ýagdaýda şeýle täri ulanypdym, ol netije beripdi” diýip, bir wagyt netijeli bolan täri ulanmagyň bu gezek islendik netijäni bermezligi, tersine bolup çykmagy mümkindir. Sebäbi ýokarda belleýşimiz ýaly, ähli okuwçy bir meňzeş bolmaýar. Galyberse-de, okuwçy bilen iş geçirilende, hut şol pursatda onuň psihologik ýagdaýynyň nähilidigi-de, onuň bilen ýekelikde ýa-da başgaça aýdanda, her bir pursatda, her bir çaga bilen işlenilende ýokarda ýatlanylan we ýatlanmadyk ähli ownuk-uşak bolup görünýän ýagdaýlaryň nazara alynmagy möhümdir. Mugallymyň terbiýeçilik işinde onuň çagalar bilen işlemäge çuň höwesiniň bolmagy, çagalary söýmegi, olara ynsanperwerli çemeleşmegi uly kömek edýär.

Ýöne bir zady bellemek gerek. Çagany söýmek diýmek mugallym çaganyň öňünde ejizläp, näme diýse, onuň diýenini edip ýöremeli, ony öz ugruna goýbermegi, oňa hajyk-hujuk edip gün görmeli diýmekligi aňlatmaýar.

Mugallymyň çaga söýgüsi talap edijilikli söýgi bolmalydyr. Şeýle mugallymy okuwçylar söýýärler, onuň bilen öz aladalary barada gürrüň etmegi, onuň pikirini diňlemegi halaýarlar, onuň maslahatlaryna gulak asýarlar. Eger mugallym çagalary, olar bilen işlemegi söýmeýän bolsa, okuwçylar özlerini ondan çeträkde saklamaklygy kem görmeýärler. Ony hormatlamaýarlar. Hormatlamaýan mugallymyň terbiýeçilik tagallalary zerur netijäni hem berýär.

Terbiýelenýänlere üstünlikli täsir etmek üçin mugallymda ösen duýgusynyň, ýagny başgalara duýgudaşlyk etmek, onuň ýagdaýyna düşünmek häsiýetiniň bolmagy zerurdyr. Bu oňa çagalara çemeleşende, olaryň psihologik ýagdaýyna düşünmäge, özüni terbiýelenýäniň ornunda goýup görmegi, paýhasly hereket etmäge kömek eder. Mugallymyň synçy adam bolmalydygy hakynda ýokarda aýdypdyk. Mugallym synçylyk netijesinde olar barada dogry netijä gelip bilýän mugallym öz eden gürrüňiniň okuwça täsir etmeýändigini tiz aňýar we onuň äheňini üýtgedip, netijeli ugra gönükdirýär. Mugallymyň terbiýeçilik işiniň netijeli bolmagy üçin onuň okuwçylar bilen ysnyşykly işlemegi gerek. Okuwçylara ýakyn durmak ýaş mugallyma birbada aňsat düşmeýär. Okuwçylar bilen ysnyşykly işlemek olary özüňe ýakynlaşdyrmak üçin, mugallym olar bilen bilelikde her dürli synpdan daşary işleri gurasa peýdaly bolar. Şonda mugallym özüni ýönekeý alyp barmalydyr. Gödeklik, ulumsylyk okuwçylary mugallymdan daşlaşdyrýar. Özüni okuwçylardan çete çekýän, gedemlik edýän mugallymyň terbiýeçilik tagallalary täsirsiz bolýar. Özüni ýönekeý alyp barmak diýmeklik okuwçylar bilen mugallymyň arasynda hiç hili çäk bolmaly däl diýmegi aňlatmaýar. Bu çägiň zerurlygy okuwçylaryň özleri tarapyndan aňlanylmalydyr. Mugallymyň bilimliligi, medenýetliligi okuwçylar bilen özüni alyp barşy, okuwçylar bilen onuň arasyndaky belli bir çägiň bolmagyny üpjün edýär. Şol çägiň bolmazlygy mugallymyň emeli suratda çäk döretjek

Все права защищены

bolup synanyşmagy arkaly gazanylyp bilinmez. Käbir mugallymlaryň tejribesinde, aýratyn hem ýaş mugallymlryň tejribesinde okuwçylary gorkuzyp terbiýelemäge ýykgyn edýärler. Mugallym öz gowşaklygyny bildirmejek bolup, okuwçylary gorkuzyp, olara öz diýenini etdirjek bolýar, haýbat atýar, topulýar, gaharlanýar we ş. m. bularyň hiç biri-de mugallymyň abraýyna abraý goşmaýar, gaýtam okuwçylaryň içinde onuň abraýyny gaçyrýar. Netijede terbiýeçilik işi agsaýar, okuwçylar bilen mugallymyň arasy bozulýar, olaryň biri-birine düşünişmeklerine zyýan ýetirýär. Okuwçylar üçin mugallymyň sözüniň täsirliligi peselýär. Olar mugallymdan uzaklaşýarlar. Käbir ýaş mugallymlar okuwçylar bilen ysnyşykly işlemekde, başga bir ýagdaýa ýüz urýarlar, ýagny okuwçylara  ýaraňjaňlyk edýärler. Şeýdip, özlerine ýalan abraý, hormat gazanjak bolýarlar, muny okuwçylara diýenini etdirmegiň ýeke-täk usuly diýip hasaplaýarlar. Hakykat-da bolsa bu hili çemeleşmeklik hem tiz mugallymyň abraýyny gaçyrýar.

**Jennet ÝAZGULYÝEWA**
**Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň talyby**

Все права защищены